# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
# K A R A R Y

«25» aprel 2013 ý. № 12980 Aşgabat ş.

## Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň işini kämilleşdirmek hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2013 ý., № 4, 2553-nji madda)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli statistika ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmek, ony ösdürmegiň strategik ugurlaryny kesgitlemek hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň işini «Statistika hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda guramak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitet hakyndaky Düzgünnamany;

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasynyň gurluşyny;

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýanyndaky Statistika boýunça pudagara geňeş hakyndaky Düzgünnamany;

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýanyndaky Statistika boýunça pudagara geňeşiň düzümini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri iki aý möhletde taýýarlamaly hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary A.Goçyýew we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy A.Mämmedow gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde
çykaran 12980-nji karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2021 ý. çykaran № 2520 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti (mundan beýläk - Türkmenstat) statistika babatynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýän ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edarasy bolup durýar.

2. Türkmenstat öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň palatalarynyň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we şu Düzgünnamany goldanýar.

3. Türkmenstat öz işini beýleki ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik guramalary hem-de halkara guramalary bilen özara gatnaşykda amala aşyrýar.

4. Türkmenstatyň esasy wezipeleri:

statistika babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek;

statistika babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp düzmek;

statistikanyň kämilleşdirilmegini amala aşyrmak;

statistikanyň halkara standartlaryna laýyklykda ylmy taýdan esaslandyrylan bitewi statistiki usulyýeti işläp düzmek we tassyklamak;

statistiki klassifikasiýalaryň ulgamyny işläp düzmek, ornaşdyrmak we kämilleşdirmek;

ilkinji statistiki maglumatlary berijiler tarapyndan olary bermegiň tertibini işläp düzmek we tassyklamak;

döwlet statistiki hasabatlylygynyň görnüşlerini (formalaryny) işläp düzmek we tassyklamak;

pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistiki hasabatlylygynyň degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan ylalaşylmaga berilýän görnüşlerine seretmek;

statistiki işleriň sanawyna laýyklykda döwlet statistiki gözegçilikleri geçirmek;

milli ýazuwlaryň maksatnamalaryny işläp düzmek we olaryň durmuşa geçirilmegini utgaşdyrmak;

milli hasaplar ulgamynyň talaplaryna laýyklykda, statistiki görkezijileriň döredilmegini amala aşyrmak, umumylaşdyrylan esasy makroykdysady görkezijileriň ulgamyny emele getirmek we kämilleşdirmek;

maglumatlary ýygnamakda statistika gözegçiliginiň uçdantutma we seçimleýin usullaryny hem-de administratiw çeşmeleri utgaşdyrmak;

statistiki usulyýetiniň pudagara meselelerini düzgünleşdirmek we döwlet statistikasyny guramak babatda işi Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýanyndaky Statistika boýunça pudagara geňeş bilen utgaşykly amala aşyrmak;

hojalygy ýöredijileriň statistiki bellige alyş sanawyny we beýleki statistiki bellige alyş sanawlaryny ýöretmek;

döwlet häkimiýet edaralaryna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna we beýleki peýdalanyjylara resmi statistiki habarlary bermek;

statistiki maglumatlary ýygnamagyň, işlemegiň, statistiki habarlary ýaýratmagyň täze tehnologiýalarynyň döredilmegini we kämilleşdirilmegini, bu ugurlarda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyny amala aşyrmak;

döwlet statistikasynyň sebitleýin edaralarynyň statistika işini utgaşdyrmak;

statistiki maglumatlary seljermek;

milli hasaplary düzmek we balans hasaplamalaryny amala aşyrmak;

statistiki gözegçiligiň maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi üçin statistiki amalyýet resminamalaryny işläp düzmek we tassyklamak;

jemleýji statistiki habarlary kagyz we (ýa-da) elektron göterijilerde, şol sanda çap etmek arkaly döwlet dilinde we beýleki dillerde bellenen tertipde ýaýratmak;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde halkara guramalary we beýleki döwletleriň milli statistika gulluklary bilen statistika babatda hyzmatdaşlygy amala aşyrmak, halkara guramalarynda statistika işiniň meseleleri boýunça Türkmenistanyň bähbitlerine wekilçilik etmek.

5. Türkmenstat öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda:

statistiki maglumatlaryň doly möçberde we bellenen möhletlerde ýygnalmagynyň, işlenilmeginiň we seljerilmeginiň ýerine ýetirilmegini guraýar;

milli we halkara standartlaryna laýyklykda statistiki usulyýeti kämilleşdirýär;

döwlet statistiki gözegçilikleriniň guralmagyna we geçirilmegine usulyýet taýdan ýolbaşçylygy amala aşyrýar;

milli ýazuwlary, şol sanda ilat ýazuwyny geçirýär hem-de olaryň esasynda demografiýa, durmuş, ykdysady we ilatyň hal-ýagdaýy baradaky görkezijileriň üýtgeýşine statistik taýdan baha berýär;

öý hojalyklarynyň statistikasyny ýöredýär;

ýurtdaky ykdysady ýagdaýa statistiki gözegçiligini amala aşyrmak boýunça işi utgaşdyrýar we şu esasda ykdysadyýetiň ösüşini hem-de ilatyň ýaşaýyş derejesini häsiýetlendirýän esasy görkezijileri işläp taýýarlaýar;

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşi hem-de milli we döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi baradaky statistiki habarlary taýýarlaýar;

demografiýa, zähmet serişdeleri, iş bilen üpjünçilik meseleleri boýunça statistiki seljerişi geçirýär;

jemi içerki önümiň möçberi, düzümi we ösüşi baradaky aýlyk hasaplamalary geçirýär;

kärhanalaryň hem-de guramalaryň ykdysady işiň görnüşleri, guramaçylyk-hukuk görnüşleri we eýeçiliginiň görnüşleri boýunça toparlara bölünişini kesgitleýär;

jemi içerki önüm babatda halkara deňeşdirmeleri boýunça iş geçirýär;

sarp ediş harytlarynyň we hyzmatlaryň nyrhlary barada statistiki habarlary taýýarlaýar hem-de olaryň ösüşine baha berýär;

maglumatlaryň statistiki binýatlaryny döredýär;

peýdalanyjylary bellenen tertipde jemleýji statistiki habarlar bilen üpjün edýär;

peýdalanyjylar üçin statistiki habarlaryň elýeterli bolmagyny üpjün edýär;

statistika edaralarynyň hünärmenleriniň hünärini we bilim derejesini yzygiderli ýokarlandyrýar;

statistiki maglumatlary döretmegiň usulyýetiniň peýdalanylyşy barada zerur düşündirişleri we döwlet statistikasyndaky üýtgetmeler barada Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde zerur habarlary berýär;

döwlet häkimiýet edaralaryny Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy barada doly we dogry statistiki habarlar bilen üpjün edýär;

ilkinji statistiki maglumatlary berijileri döwlet statistika hasabatlylygynyň zerur görnüşleri we olary doldurmak boýunça gözükdirmeler bilen bellenen tertipde üpjün edýär;

statistiki görkezijileriň ulgamyny, olaryň metamaglumatlaryny, statistiki gözegçilikleri geçirmegiň usulyýetini halkara standartlaryna laýyklykda kämilleşdirýär;

statistiki maglumatlaryň toplanmagyny, saklanmagyny we goralmagyny üpjün edýär;

döwlet we täjirçilik syrlarynyň goralmagyny, ilkinji statistiki maglumatlaryň ýaşyrynlygyny üpjün edýär;

öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.

6. Türkmenstat ilkinji statistiki maglumatlary olary umumylaşdyrmak arkaly jemleýji statistiki habarlary emele getirmek üçin peýdalanýar.

Ilkinji statistiki maglumatlary berijileriň ýagdaýyny we (ýa-da) işini, olaryň ykdysady, maliýe, nyrh emele geliş, ýaşaýyş-durmuş, demografiýa we ekologiýa taraplaryny hem goşmak bilen, anyk häsiýetlendirýän umumylaşdyrylmadyk maglumatlaryň ýaýradylmagyna ýol berilmeýär. Hojalygy ýöredijileriň statistiki bellige alyş sanawyndaky olar baradaky hökmany (ady, eýeçiliginiň görnüşi, guramaçylyk-hukuk görnüşi, ykdysady işiniň görnüşi we ş.m.) maglumatlary muňa degişli däldir.

7. Türkmenstatyň şulara hukugy bar:

ilkinji statistiki maglumatlary berijilerden statistiki maglumatlary bellenen tertipde muzdsuz almaga;

döwlet häkimiýet edaralaryndan, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan statistikanyň meseleleri boýunça zerur habarlary soramaga we almaga;

statistiki maglumatlary işlemegiň tehnologik işini awtomatlaşdyrmak üçin programma önümlerini işläp düzmäge we (ýa-da) satyn almaga;

statistiki usulyýet we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary babatda gazanylanlary nazara almak bilen, işgärleri gaýtadan taýýarlamagy amala aşyrmaga;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde halkara guramalary we beýleki döwletleriň milli statistika gulluklary bilen statistika babatda hyzmatdaşlygy amala aşyrmaga, hyzmatdaşlygyň çäklerinde olar bilen degişli statistiki habarlary alyşmaga, ylmy işläp düzmelere gatnaşmaga, bilelikdäki iş hakynda olar bilen bellenen tertipde şertnamalary baglaşmaga;

«Statistika hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryny bozan ilkinji statistiki maglumatlary berijilere düzgün bozulmalary aradan aýyrmak boýunça ýerine ýetirilmegi hökmany bolan görkezmeleri bermäge;

statistiki hasabatlylygynyň berilmegini togtatmaga we olary ýatyrmaga;

ilkinji statistiki maglumatlary berijiler tarapyndan berilýän statistiki hasabatlylygynyň maglumatlarynyň dogrulygyny barlamaga;

ýuridik şahslaryň (aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň) ýolbaşçylarynyň statistiki hasaba alnyşynyň we statistika hasabatlylygynyň ýagdaýy hakyndaky habarlaryny diňlemäge;

ýuridik şahslaryň wekillerini bellenen tertipde statistiki hasaba alnyşynyň we statistiki hasabatlylygyň ýagdaýynyň barlaglaryny geçirmäge çekmäge;

hasabatlylygyň nädogry maglumatlary ýüze çykarylanda döwlet statistiki hasabatlylygyna bellenen tertipde düzedişleri girizmäge;

resmi statistik habary peýdalanmak boýunça düşündirişleri bermäge;

şertnama esasynda statistika işlerini ýerine ýetirmäge we statistika hyzmatlaryny etmäge;

Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenmedik bolsa, statistiki habarlary tölegli esasda ýaýratmaga we başga habar beriş hyzmatlaryny ýerine ýetirmäge;

Türkmenistanyň raýatlaryny şertnama esasynda döwlet statistika gözegçiliklerine çekmäge;

statistiki materiallary we statistiki amalyýet resminamalaryny neşir etmäge we çap edip köpeltmäge.

8. Türkmenstata Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan başlyk ýolbaşçylyk edýär.

Türkmenstatyň başlygynyň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan iki orunbasary bar.

9. Türkmenstatyň başlygy:

Türkmenstatyň üstüne ýüklenen wezipeleriň ýerine ýetirilmegi üçin şahsy jogapkärçilik çekýär;

garamagyndaky edaralaryň işine umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar;

bellenen işgär sanynyň we zähmet haky gorunyň çäklerinde Türkmenstatyň merkezi edarasynyň wezipe sanawyny bellenen tertipde tassyklaýar;

Türkmenstatyň merkezi edarasynyň gurluş birlikleri hem-de garamagyndaky edaralar hakyndaky düzgünnamalary tassyklaýar;

orunbasarlarynyň arasynda borçlary we ygtyýarlyklary paýlaýar;

merkezi edaranyň gurluş birlikleriniň we garamagyndaky edaralaryň tabşyrylan iş üçin jogapkärçilik derejesini belleýär;

Türkmenstatyň merkezi edarasynyň işgärlerini hem-de garamagyndaky edaralaryň ýolbaşçylaryny bellenen tertipde wezipä belleýär we wezipeden boşadýar;

Türkmenstatyň merkezi edarasynyň işgärlerini we garamagyndaky edaralaryň ýolbaşçylaryny höweslendirýär hem-de olara düzgün-nyzam temmi çärelerini ulanýar, şeýle hem aýratyn tapawutlanan işgärleri döwlet sylaglary bilen sylaglamaga bellenen tertipde hödürleýär;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan buýruklary çykarýar;

statistiki işleriň, usulyýet, usuly we neşir işleriniň, statistika işine dahylly beýleki işleriň meýilnamalaryny, çap edilýän statistiki neşirleri ýaýratmagyň sanawyny tassyklaýar;

edaralarda, kärhanalarda we guramalarda Türkmenstata wekilçilik edýär;

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşyp, garamagyndaky edaralary bellenen tertipde döredýär, üýtgedip guraýar we ýatyrýar;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.

10. Statistika işini utgaşdyrmak, statistiki usulyýetiň pudagara meselelerini düzgünleşdirmek we döwlet statistikasyny guramak, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistikasyny ýöretmegiň meýilnamalaryny ara alyp maslahatlaşmak we ylalaşmak üçin döwlet statistika edaralarynyň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ylmy we beýleki edaralaryň wekillerinden ybarat düzümde Türkmenstatyň ýanynda Statistika boýunça pudagara geňeşi döredilýär. Ol maslahatçy gurama bolup durýar.

Bu Pudagara geňeşiň işiniň guramaçylyk we habar üpjünçiligi Türkmenstat tarapyndan amala aşyrylýar.

11. Türkmenstat statistika işi babatda usulyýet we guramaçylyk meselelerini çözmek, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşine statistiki baha bermegiň görkezijilerini kämilleşdirmegiň ugurlaryny kesgitlemek, statistikanyň ylmy-usulyýet meseleleri boýunça çözgütleriň aýanlyk ýagdaýynda esaslandyrylmagyny üpjün etmek üçin usulyýet geňeşini döredýär.

12. Türkmenstatyň merkezi edarasynyň işgär sany we gurluşy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

13. Türkmenstatyň merkezi edarasy Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

14. Türkmenstat buhgalteriýa hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny ýöredýär, statistiki we maliýe-hojalyk işi hakyndaky hasabatlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzýär.

15. Türkmenstat ýuridik şahs bolup, onuň Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen we öz ady ýazylan möhri, möhürçeleri, resmi blanklary hem-de bank edaralarynda hasaplary bar.

16. Türkmenstat Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda üýtgedilip guralýar we ýatyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde
çykaran 12980-nji karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasynyň GURLUŞY**

Ýolbaşçylar
Jemleýji ykdysady seljeriş we maglumatlar müdirligi
Milli hasaplar müdirligi
Statistikanyň usulyýeti we guralyşy müdirligi
Senagatyň statistikasy we seljerişi müdirligi
Oba hojalygynyň statistikasy we seljerişi müdirligi
Maýa goýumlarynyň statistikasy we seljerişi müdirligi
Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi
Maliýe statistikasy we seljerişi müdirligi
Statistiki sanawlar we toparlamalar müdirligi
Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň statistikasy müdirligi
Ilaty hasaba alyş müdirligi
Zähmetiň we iş hakynyň statistikasy müdirligi
Durmuş statistikasy müdirligi
Öý hojalyklarynyň statistikasy we seljerişi müdirligi
Nyrhlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi
Çap işleri we resminamalary taýýarlaýyş müdirligi
Kompýuter tehnologiýalary müdirligi
Maliýe işleri we buhgalter hasaba alyş müdirligi
Halkara gatnaşyklar we ýörite işler bölümi
Işgärleri taýýarlaýyş we gaýtadan taýýarlaýyş bölümi
Hojalyk müdirligi

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde
çykaran 12980-nji karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýanyndaky Statistika boýunça pudagara geňeş hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 22.09.2018 ý. çykaran № 922 we 02.12.2021 ý. çykaran № 2520 kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýanyndaky Statistika boýunça pudagara geňeş (mundan beýläk - Pudagara geňeş) statistika işini utgaşdyrmak we statistik gözegçiliklerini guramagyň pudagara meselelerini düzgünleşdirmek boýunça ýuridik şahs bolmadyk maslahatçy gurama bolup durýar.

2. Pudagara geňeş öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň palatalarynyň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we şu Düzgünnamany goldanýar.

3. Pudagara geňeşiň esasy wezipeleri:

statistik usulyýetiň pudagara meselelerini düzgünleşdirmek we döwlet statistikasyny guramak babatda maslahatlary bermek;

statistik habarlaryň pudagara alyş-çalşy boýunça usulyýetleriň taýýarlanmagyna ýardam bermek;

bitewi statistik klassifikasiýalaryň ulanylmagy, bitewi maglumatlar ulgamlarynyň döredilmegi hem-de maglumatlary ýygnamagyň we işläp taýýarlamagyň häzirkizaman tilsimatlarynyň ösdürilmegi boýunça pudagara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda maslahat bermek;

ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistikasyny ýöretmegiň meýilnamalaryna hem-de olaryň statistik hasabatlylygynyň täze görnüşlerine garamak we olara düzedişleri girizmek boýunça maslahatlary bermek bolup durýar.

4. Pudagara geňeşiň öz üstüne ýüklenen wezipeleri amala aşyrmak üçin şulara hukugy bar:

statistika ulgamyny ösdürmek boýunça uzak we orta möhletli geljek üçin maksatnamalaryň taslamalaryna seretmäge hem-de statistika işini amala aşyrýan edaralara statistik işleriň hilini ýokarlandyrmak, peýdalanyjylary ýokary hilli statistik habarlar bilen öz wagtynda üpjün etmek we statistik maglumatlaryň administratiw çeşmelerden ýygnalyşyny gowulandyrmak bilen bagly teklipleri bermäge;

statistik maglumatlaryň ýygnalmagy we olaryň döwlet statistikasynyň edaralaryna berilmegi bilen bagly meselelere garamaga we bu boýunça öz

mejlislerinde degişli edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň wekilleriniň habarlaryny diňlemäge;

zerur halatlarda gerekli habarlary we beýleki maglumatlary edaralardan, kärhanalardan we guramalardan bellenen tertipde sorap almaga;

statistik maglumatlary ýygnamagyň we statistik habarlary ýaýratmagyň guralyşy hem-de usulyýeti boýunça beýleki meselelere garamaga.

5. Pudagara geňeşiň düzümi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýar.

6. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy Pudagara geňeşiň başlygy bolup durýar.

7. Pudagara geňeşiň işi jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda amala aşyrylýar.

8. Pudagara geňeşiň işiniň guramaçylyk we habar üpjünçiligi Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan amala aşyrylýar.

9. Pudagara geňeşiň işi mejlisler görnüşinde amala aşyrylýar.

10. Pudagara geňeşiň mejlisleri zerurlyga görä, emma ýylda azyndan bir gezek geçirilýär.

Pudagara geňeşiň mejlisine Pudagara geňeşiň başlygy ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça Pudagara geňeşiň agzalarynyň biri baştutanlyk edýär.

11. Pudagara geňeşiň mejlisleri, eger onuň agzalarynyň üçden iki bölegi gatnaşan halatynda meselelere garamaga ygtyýarlydyr. Pudagara geňeşiň çözgütleri onuň mejlise gatnaşýan agzalarynyň açyk ses bermegi bilen, sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Sesleriň sany deň bolan halatlarda Pudagara geňeşiň mejlisine başlyklyk edijiniň sesi kesgitleýji hasap edilýär.

12. Pudagara geňeşiň mejlislerine zerur halatlarda edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň wekilleri çagyrylyp bilner.

13. Pudagara geňeşiň mejlisiniň gün tertibi Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy tarapyndan kesgitlenýär. Oňa Pudagara geňeşiň agzalarynyň teklipleri boýunça üýtgetmeler girizilip bilner.

14. Pudagara geňeşiň agzalary mejlisiň geçiriljek wagty we gün tertibi barada 5 gün öňünden habarly edilýär.

15. Pudagara geňeşiň mejlisleriniň teswirnamasy resmileşdirilenden soňra, üç iş gününiň dowamynda onuň nusgasy Pudagara geňeşiň agzalaryna we degişli edaralara iberilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde
çykaran 12980-nji karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýanyndaky Statistika boýunça pudagara geňeşiň**
**DÜZÜMI**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 21.05.2018 ý. çykaran № 778, 18.06.2019 ý. çykaran № 1278 we 02.12.2021 ý. çykaran № 2520 kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy - Pudagara geňeşiň başlygy

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň orunbasary

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň bejeriş-öňüni alyş kömegini guramak boýunça orunbasary

Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň orunbasary

Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministriniň orunbasary

Türkmen döwlet habarlar agentliginiň başlygy

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň rektory

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň başlygy